**Zenanlary mertebelemek, olara durmuşda ähli ýeňillikleri döretmek halkymyzyň arkama-arka dowam edip gelýän asylly däpleriniň biridir. Şu jähetden, täze taryhy döwrümizde Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen jemgyýetimizde zenanlaryň işjeňligini artdyrmaga aýratyn üns berlip, baharyň ilkinji günlerinde ýurdumyzda giňden bellenilýän Halkara zenanlar güni mähriban zenanlarymyzyň sarpasynyň belentdedigini görkezýär.**

Türkmen zenanlary hakda gürrüň edilende, Milli Liderimiziň käbesi, döwlet Baştutanymyzyň enesi Ogulabat ejäniň bitiren hyzmatlarynyň ähli gelin-gyzlar üçin görelde mekdebi bolup durýandygyny buýsançly bellemelidiris. Gahryman Arkadagymyzyň «Enä tagzym — mukaddeslige tagzym» atly eseri bolsa mährem enelerimize belent söýgüniň, çäksiz hormat-sylagyň aýdyň beýanydyr. Eseriň her bir bölüminde mährem käbelerimize bolan buýsanç, belent sarpa, gadyr-gymmat ör-boýuna galýar, ene mukaddesligi ajaýyp ylham joşguny bilen beýan edilýär.

Zenanlar baradaky alada, olaryň durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda gender deňligini üpjün etmek Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şunda hormatly Prezidentimiziň 27-nji fewralda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde köp çagaly enelere «Ene mähri» diýen hormatly ady dakmak hakynda Permana gol çekmegi möhüm ähmiýete eýedir. Şeýle hem olara ýylyň-ýylyna döwrebap ýaşaýyş jaýlarynyň açarlaryny gowşurmak asylly däbe öwrüldi.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň mylaýym ýaz paslynyň ilkinji baýramy bolan Halkara zenanlar güni ýurdumyzda uly dabaralara beslenýär. Bu özboluşly halkara baýramyň şanly ýylymyzyň şygary hem-de onuň döredijilik ruhy bilen many-mazmun taýdan özara berk baglanyşykly gelmegi aýratyn ähmiýete eýedir.

**Göwher JORAÝEWA,**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky TDMI-niň Pedagogika fakultetiniň başlangyç bilim mugallymçylygy we psihologiýasy hünäriniň 104-nji toparynyň talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 14.06.2026